# Nasist milliarderler

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nasist milliarderler NASIST MILLIARDERLER




Geçen hepde…
Germaniýanyň Içeri işler ministrliginiň žurnalisy Ýurgen Elzesseriň tussag astyna alnyp, onuň gözegçilik edýän «Compact» žurnalynyň çykmagyny gadagan eden günlerinde elimde bir kitap bardy… Baýlyk boýunça barlaglar geçiren gollandiýaly žurnalist Dewid de Jongyň ýazan «Nasist milliarderleri. Germaniýanyň iň garaňky dinastiýalarynyň garaňky taryhy» kitaby nasistleriň goldawy bilen kiselerini galňadan senagatçylar baradady…
Kimler ýokdy olaryň arasynda: Içinde Žozef Gebbelsiň öweý ogly-da bolan «BMW» kompaniýasyny esaslandyryjy Kwandt ýaly maşgalalar, «Allianz» ýaly kompaniýalar… («Gizlenen elita»

kitabymda Gitlere goldaw beren uly kompaniýalarynyñ sanawyny beripdim).
Men hemişe aýdyp gelýärin, meniñ aladam könäni gorjamak däl: partiýa gurlanda jübüsinde ýeke teññe puly ýok Gitleriñ German Geringiñ üsti bilen baýlardan nädip pul toplap häkimiýet başyna gelendigini gyzykly maglumatlar bilen gürrüñ beripdim… Siz olaryñ özlerini başga hili görkezýändiklerine seretmäñem, ynanmañam! Ýewropa-amerikan kapitalynyñ nasistleri goldaýandygy ýaşyryn syr däl.
Aýdyşym ýaly, geçmişe aslyşyp durjak däl, şu günüñ gürrüñini edeliñ:




* * *

2019-njy ýylyň 8-nji maýy.

Gamburgda geçirilen sanly ulgamy ornaşdyrmagyň meselelerine bagyşlanyp geçirilen konferensiýasynda çykyş eden Sosial-Demokratik partiýanyň (SPD) çep ganatynyň agzasy (özüniň sosialistdigini aýdýan) Kewin Kýunert hususy eýeçilik düşünjesine analiz berdi, deňsizligi we deň däl girdeji paýlanyşygyny ýazgardy. «BMW»-niň mysalynda şeýle diýdi:
«Kollektiwleşmegi-umumy eýeçiligi ýola goýmazdan kapitalizmiň hötdesinden gelmek mümkin däl…»
Bu sözlere berk jogap işewür gyz Werena Balzenden (1993-nji ýylda doglan) geldi: «Men kapitalist, mundanam diýseň şat. Men has köp girdeji gazanmak, pul toplamak, ýahta dagy alyp, hasam gowy ýaşasym gelýär…»
Konferensiýadaky bu ikitaraplaýyn çekişme Germaniýanyň ünsüne düşdi!
HDS-HSS (Hristian-demokratlar bileleşigi), FDP, AfD partiýalarynyň wekilleri Kýuneriň tesizlerini gazaply tankyt etdi. «Gaýyp bolan fantaziýanyň samsyklaç retro dünýägaraýşy!»
«Ýaşyllardan» we Kýuneriň öz partiýasynyň käbir gatlaklaryndanam negatiw seslenmeler berildi. SPD-niň baş sekretary, partiýanyň häzirki deňdeş başlygy Lars Klingbaýl Kýuneriň aýdanlarynyň «SPD-den gelen talap däldigini» aýtdy.
Kýuner diňe SPD-niň çep ganatyndan goldaw aldy. Gazaply tankytlaryň pikir edip boljak zadyňam çäkleriniň indi nähili daralandygyny görkezýändigini aýtdy…
Munuň bilenem gutarmady, turpuň etlije ýeri torbada!



*Werena Balzen*
* * *

«Bahlsen GmbH & Co.» merkezi ştaby Germaniýanyň Gannower şäherinde ýerleşen süýji-köke ýaly konditer pudagynda 1889-njy ýyldan bäri işläp gelýän nemes maşgala kompaniýasy.
Ikinji jahan urşunda diňe Gitlere maliýe goldawyny bermek bilenem çäklenmediler. Polşa, Ukraina ýaly ýurtlardaky uruş konslagerlerinden getirilen 700-den gowrak aýaly işçi deregine işletdiler. Olaryň häzirki baýlygynda depelerinde taýak oýnadylyp zor bilen işledilen şol zähmetkeş aýallaryň uly paýy bar…
Atasy we kakasynyň dogany Gitleriň partiýasyna agza bolan Werena Balzeniň dik ýokardan garaýan gopbamsy çykyşy SPD-niň özündenem Kewin Kýunere gelen nägilelikler ýaly nägilelik bildiren bolmady! Diňe birküç sany çepçi neşir Balzeniň geçmişini ýatlatdy…
Kýunere uludan hüjüm eden partiýa Hristian-demokratlar bileleşigi (HDB) boldy. Munda geň galar ýaly zat ýokdy: Werena hanymyň kakasy Werner M.Balzen tanymal syýasatçydy we HDB-niň ykdysadyýet boýunça geňeşiniň başlygydy! (HDB-niň maliýe hemaýatkärleriniň arasynda Kwandt ýaly maşgalalaryň hem

bardygyny aýtmak isleýärin).
Içiñiz ýansyn diýen ýaly, Werena Balzen şol eden çykyşynyñ yzysüre kompaniýanyñ adminsyrasiýasynyñ başlyklygyna bellendi.
Germaniýada häzir gigant kompaniýalaryñ garañky taryhlary ýatdan çykarylypdyr. Nyşanada «ultrasagçy» diýilýän nasionalist žurnalistler, neşir organlary bar.
SPD-li ministriñ buýrugy bilen «ultrasagçy» diýip, NATO-dyr «Gladio» toparlanmasyna garşy göreşen žurnalist Ýurgen Elzesseriñ tussag edilmegine, «Compact» žurnalynyñ ýapylmagyna geñ galmazlyk mümkin däl…
SPD-niñ tarapy belli: ol global kapitalyñ oýnawajyna öwrülen sagçy topar.
Çepçi žurnalistlere «ultrasagçy» ýarlygyny urup, hakykaty gömýändiris öýdýärler…
Dünýädäki bu täze lagerleşmelere türk çepçilerinde doly düşünýän bir barmyka beri?

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 25.07.2024 ý. Publisistika